# Oýan ýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Oýan ýar OÝAN ÝAR



Men ýanyňda,
Sen ukynyň bimary,
Meni goýup, uka gözi gyýan ýar.
Saçlaryňy sypap, berip timary,
Kalbym bilen pyşyrdaýan «Oýan, ýar».
Sähranyň ysy gelýär demiňden,
Şol sähranyň ummanyna emendim.

Süýr-depämden sallan arzuw kemendin,
Özi uklap meni derde goýan ýar.

Ömür ýatyr sabalaryñ badynda,
Ýalñyş hat deý meni bozma ýadyñdan.
Şir sypatlym aýlanaýyn adyñdan,
Ynam mekdebinde maña uýan ýar.

Saña bir köşk gurdum göwün şährimden,
Soltan bol-da gandyr şalyk mähriñden.
Öñ kän dadypdym gamyñ zähriden,
Gözlerimden ähli derdim duýan ýar.

Kalbyñ ýaly juda gözel gijeler,
Size myhman bolan duýgym inçeler.
Bize Hakdan peşgeş gelen bijeler,
Indi gaýdyp gaýtalanmaz oýan, ýar.

◆ ◆ ◆

Meniñ gamgynlygym dogry bellediñ,
Men nädeýin käte şatlyk bermeseñ.
Otdan çyksa semenderem ölýändir,
Ataşda lowlasam gaty görme sen.

Sen öldürseñ eý-waý, kül bolaryn men,
Gaýta ýetir iñ saýhally odunym.
Panyñ üç gün ýylysyna ynanma,
Sowuk güni geregi bor odumyñ.

Sesýetim ýol ~ bize daş bolup ara,
Şygyrlarym bir gün ýetirer ahy.
Meniñ öz ýaramy özüm bejerşim,
Gökde ýyldyz gördi, derýada mahy.

Umyt käsäm boşap barýar, gör indi,
Onuñ doljagyna özüñ söz berdiñ.
Ak mañlaýy gara daşa degene,
Özüñ hossar çykyp, özüñ ýüz berdiñ.

Indi bolsa seniñ juda işiñ kän,
Çykyp barýan, belki çykdym ýadyñdan.
Akpamyk deý bir gün bararyn ýanyña,
Etegime salyp ýakan oduñdan. Goşgular